# Taryh kitaplaryny gaýtadan ýazmaly bolar -1: Aşgabadyñ eteginden taryhy ösüşleriñ birgideni tapyldy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Taryh kitaplaryny gaýtadan ýazmaly bolar -1: Aşgabadyñ eteginden taryhy ösüşleriñ birgideni tapyldy

TARYH KITAPLARYNY GAÝTADAN ÝAZMALY BOLAR…

▶ Aşgabadyñ eteginden taryhy ösüşleriñ birgideni tapyldy.

Amerikaly gazuw-agtaryş işlerini geçirijiler topary dört müñ ýyla golaý mundan ozal häzirki zaman Merkezi Aziýada bolan näbelli taryhy ösüşleriñ subutnamalaryny tapandygyny tassyklaýar.
Alymlaryñ aýtmagyna görä, ýazuw bu ösüşi başdan geçiren belli dilleriñ hiç birine hem meñzemeýär.
Türkmenistanyñ paýtagty Aşgabatdan uzak bolmadyk ýerde geçirilen gazuw işleri mahalynda alymlar uly bolmadyk daşyñ ýüzünde harpyñ nusgasyny tapypdyrlar. Alymlar bu medeniýetiñ önümi şol döwürde Mesopotamiýada ýa-da Hind jülgesinde, şeýle hem häzirkizaman Eýranda öz ýazuwy bolan beýleki siwilizasiýalardan tapawutlanýar diýip hasap edýär.
Ozalky SSSR-iñ alymlary birnäçe onýyllyklaryñ dowamynda bu sebitde gazuw-agtaryş işlerini alyp bardylar, ýöne daşary ýurtly hünärmenleriñ şol ýere ýañy-ýakynda barandygyna garamazdan Amerikanyñ Pensilwaniýa ştatynyñ uniwersitetiniñ alymlary sebitden ýüzi ýazgyly daş bölegini tapdylar.
Gazuw-agtaryş işlerini alyp baryjylar häzirki Türkmenistanyñ ýerleşýän ýerinden her birinde birnäçe otag bolan öýleriñ ençemesini tapdylar. Bu öýleriñ toýundan galdyrylan diwarynyñ galyñlygy üç metre ýetýär. Alymlar bu öýlerde ýaşanlar

maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar, hasyl ýygnapdyrlar, bürünçden ýasalan gurallar bilen işläpdirler hem-de küýzegärçilik bilen meşgullanypdyrlar diýip çak edýärler.
Öwrenijiler täze siwilizasiýanyñ açylmagy Merkezi Aziýanyñ taryhy barada mundan öñ emele gelen düşünjäni düýpgöter üýtgedýär diýip ynanýarlar. Bürünç asyryñ söwda ýollary golaýyndan geçen bu ilatyñ ýaşan ýerleri dünýäniñ beýleki ýerleri bilen aragatnaşykda bolupdyr.
Şol döwrüñ söwda ýollary Hytaýyñ we Ortaýer deñziniñ arasyndaky belli Ýüpek ýolundan takmynan iki müñ ýyl çemesi irki döwri görkezýär.

# bbc.news

"BBC" habarlar agentliginiñ internet saýtyndaky materialdan "Türkmendöwlethabarlary" gullugunyñ taýýarlan maglumaty.

Taryhy makalalar